#183 (205)
среда, 26 июня 2024 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана




# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI

21-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onuň gün tertibine döwlet durmuşyna degişli birnäçe meseleler girizildi.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa çykyş edip, ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow häzirki zamanyň talaplaryna laýyk gelýän täze kanun taslamalaryny işläp taýýarlamagyň möhümdigine ünsi çekdi we bu babatda netijeli işleri geçirmegiň zerurdygyny belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow statistika ulgamynyň işini döwrüň talabyna laýyk kämilleşdirmek, maglumatlary toplamakda we döretmekde täze usullary, sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, statistikany ösdürmek boýunça halkara guramalar, daşary ýurtlaryň ýuridik şahslary bilen tejribe alyşmak we hyzmatdaşlygy dowam etdirmek göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti bilen BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň arasyndaky «Milli hasaplar boýunça institusional we statistiki mümkinçiligi pugtalandyrmak» hem-de «Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň institusional, statistiki we maglumat-tehniki mümkinçiligini berkitmek» atly taslama resminamalaryny durmuşa geçirmegiň çäklerinde ýörite programma üpjünçiliginiň taslamasynyň işlenip taýýarlanylandygyny habar berdi. Ony şu ýylyň 1-nji iýulyndan synaglaýyn esasda, 1-nji oktýabryndan bolsa doly ulanyşa girizmek teklip edilýär.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, statistika ulgamynyň işini döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirmegi dowam etdirmegiň zerurdygyny belledi we bu ugurda programma üpjünçiligini ulanyşa girizmek baradaky teklibi goldap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow «Türkmengaz» döwlet konserni tarapyndan gaz geçiriji ulgamlaryň bökdençsiz işlemegini üpjün etmek boýunça ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň ilatyny, senagat kärhanalaryny, durmuş maksatly desgalary tebigy gaz bilen bökdençsiz üpjün etmegiň möhümdigini belledi we wise-premýere birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew oba hojalyk pudagynda işleriň alnyp barlyşy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň oba hojalyk pudagyny toplumlaýyn ösdürmegi dowam etdirmegiň, galla oragyny guramaçylykly geçirmek, ýygnalan hasyly harmana tabşyrmak işlerine berk gözegçilik etmegiň zerurdygyny nygtady we wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedowyň hasabaty diňlenildi. Hasabatda ýurdumyzda gurulýan ýaşaýyş jaýlarynyň, döwrebap edara-kärhanalaryň sanynyň has-da artýandygy bilen baglylykda, liftlere zerurlygyň köpelýändigini göz öňünde tutup, olaryň önümçiligini ýola goýmak, bar bolan liftlerde abatlaýyş-bejeriş işlerini amala aşyrýan bilelikdäki kärhanany döretmegiň maksadalaýykdygy bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklip hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzda dürli görnüşli önümleri öndürmäge ýöriteleşdirilen, şol sanda bilelikdäki kärhanalary döretmek boýunça netijeli işleri alyp barmagy dowam etdirmegiň zerurdygyna ünsi çekdi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz liftleriň önümçiligini ýola goýmagyň hem-de olarda degişli abatlaýyş-bejeriş işlerini amala aşyrýan ýörite kärhananyň döredilmeginiň möhümdigini aýtdy we degişli teklibi goldap, wise-premýere bu ugurda zerur işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça şu ýylyň 25-nji iýunynda Aşgabat şäherinde «Türkmenistan — Birleşen Arap Emirlikleri» işewürlik maslahatyny geçirmek boýunça görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň daşary ýurtlar bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary yzygiderli ösdürýändigini, bu ugurda geçirilýän sergileriň we işewürlik maslahatlarynyň özara bähbitli hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmäge ýardam edýändigini kanagatlanma bilen belläp, wise-premýere «Türkmenistan — Birleşen Arap Emirlikleri» işewürlik maslahatyny ýokary guramaçylykly geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa Aşgabat şäherinde çagalar sungat mekdebiniň täze binasyny gurmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, Aşgabat şäherinde ýaşaýyş jaý toplumlarynyň sanynyň has-da artýandygyny hem-de paýtagtymyzyň ýaşaýjylarynyň isleglerini nazarda tutup, çagalar sungat mekdebiniň täze binasyny gurmak teklip edilýär. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň garamagyna degişli teklip hödürlenildi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzda çagalaryň abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmek ugrunda maksatnamalaýyn işleriň durmuşa geçirilýändigini belledi we beýan edilen teklibi makullap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow ylmy maksatnamalary, meýilnamalary we hasabatlary döwlet tarapyndan hasaba almagy guramak we geçirmek boýunça ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi.

Wise-premýer bu ugurda gatnaşyklary düzgünleşdirmek, ýurdumyzyň ylmy-tehniki maglumatlar ulgamyny kämilleşdirmek, ylmy-barlag işleriniň ygtybarly maglumatlar binýadyny döretmek, ylmy-tehniki maksatnamalary taýýarlamak hem-de ýerine ýetirilişini döwrebaplaşdyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy tarapyndan degişli resminamanyň taslamasynyň taýýarlanylandygyny aýdyp, ony döwlet Baştutanymyzyň garamagyna hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, «Ylmy iş hakynda ylmy maksatnamalary (taslamalary), meýilnamalary we hasabatlary döwlet tarapyndan hasaba almagy guramagyň we geçirmegiň Tertibini tassyklamak hakynda» Karara gol çekdi we ony wise-premýere sanly ulgam arkaly iberdi hem-de degişli tabşyryklary berdi.

Soňra sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowyň hasabaty diňlenildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, wise-premýere birnäçe tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew raýat awiasiýasy pudagy üçin halkara derejeli hünärmenleri taýýarlamak boýunça ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň raýat awiasiýasy pudagy üçin halkara derejeli hünärmenleri taýýarlamak işleriniň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini belledi we agentligiň ýolbaşçysyna bu ugurda halkara talaplara laýyklykda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, hemmelere berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## Президент Туркменистана поздравил О.Кононенко с юбилеем

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил Герою Туркменистана, инструктору-космонавту-испытателю, командиру отряда космонавтов Государственной корпорации по космической деятельности «Роскосмос» Олегу Кононенко сердечные поздравления по случаю 60-летнего юбилея.

«Ваша работа почётна и ответственна. Её результаты вносят весомый вклад в мировое технологическое развитие и улучшение жизни всего человечества», – отметил в своём послании глава государства.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана выразил Олегу Кононенко сердечные пожелания крепкого здоровья, счастья и семейного благополучия, новых открытий и возможностей для достижения существенных прорывов в космонавтике.

## Поздравления по случаю 60-летнего юбилея

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил Герою Туркменистана, инструктору-космонавту-испытателю, командиру отряда космонавтов Государственной корпорации по космической деятельности «Роскосмос» Олегу Кононенко искренние поздравления по случаю 60-летнего юбилея.

«Вы посвятили свою жизнь освоению космоса, познанию Вселенной и развитию науки. Мы в Туркменистане с воодушевлением следим за Вашим полётом и достижениями. И нам приятно видеть Вашу любовь и особое внимание к Туркменистану, даже когда Вы находитесь в космосе», – отметил в своём послании Герой-Аркадаг.

В этот праздничный день Национальный Лидер туркменского народа пожелал Олегу Кононенко крепкого здоровья, долгих лет жизни и семейного благополучия, а также успешного воплощения всех намеченных планов.

# PRESIDENT OF TURKMENISTAN RECEIVES MINISTER OF ECONOMY OF THE UNITED ARAB EMIRATES

On June 25, 2024, President Serdar Berdimuhamedov received the Minister of Economy of the United Arab Emirates Abdullah bin Touq Al-Marri, who arrived in the Turkmen capital at the head of his country's delegation to participate in the «Turkmenistan-UAE» business forum.

Expressing gratitude for the opportunity to meet in person, the guest conveyed to the head of state warm greetings from the President of the United Arab Emirates, Sheikh Mohammed bin Zayed Al Nahyan. As was emphasized, the UAE attaches great importance to strengthening fruitful relations with brotherly Turkmenistan, based on common historical roots and mutually beneficial cooperation.

Thanking for the kind words, President Serdar Berdimuhamedov addressed warm greetings and best wishes to the head of the friendly state, noting that the United Arab Emirates is a long-term partner of our country.



The Turkmen-Emirati business forum organized in Ashgabat will contribute to strengthening ties between our countries and exchanging views on new areas of bilateral cooperation, the head of Turkmenistan continued and taking the opportunity, wished a successful visit and fruitful holding of the business event.

During the discussion of prospects for further partnership, President Serdar Berdimuhamedov and his guest noted with satisfaction that relations between Turkmenistan and the UAE have been developing dynamically in recent years.

During the meeting, increasing indicators of bilateral trade turnover were noted. In this context, the head of Turkmenistan expressed firm confidence that the current Turkmen-Emirati business forum will contribute to the expansion of trade relations and the establishment of effective partnerships between representatives of the private sector.

As the Minister of Economy of the friendly country noted, the UAE business community is interested in strengthening its position in the promising Turkmen market. Among the new areas of cooperation, the sphere of renewable and «green» energy was identified. Particular emphasis was placed on the strategic importance of international transport and transit corridors for the two countries.

At the end of the meeting, the President Serdar Berdimuhamedov and the UAE Minister of Economy expressed confidence that the traditionally friendly interstate dialogue, based on the principles of openness, will continue to develop successfully for the benefit of both countries and their peoples on a mutually beneficial long-term basis, filling with new specific content.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI PAKISTAN YSLAM RESPUBLIKASYNYŇ SENAGAT WE ÖNÜMÇILIK BOÝUNÇA FEDERAL MINISTRINI KABUL ETDI

2024-nji ýylyň 25-nji iýunynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Pakistan Yslam Respublikasynyň senagat we önümçilik boýunça federal ministri Rana Tanwir Husseini kabul etdi.



Myhman wagt tapyp kabul edendigi üçin hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyza öz ýurdunyň ýokary derejeli ýolbaşçylarynyň - Prezident Asif Ali Zardariniň we Premýer-ministr Mian Muhammad Şahbaz Şarifiň mähirli salamyny hem-de ähli türkmen halkyna iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Pakistan Yslam Respublikasynyň Prezidentine we Premýer-ministrine mähirli salamyny hem-de iň gowy arzuwlaryny beýan etdi. Döwlet Baştutanymyz doganlyk ýurduň wekiliniň şu gezekki saparynyň köpýyllyk ikitaraplaýyn gatnaşyklary has-da ösdürmäge täze itergi berjekdigine ynam bildirip, Türkmenistanyň Pakistan bilen netijeli gatnaşyklary pugtalandyrmaga uly üns berýändigini nygtady. Şol gatnaşyklar bolsa özara düşünişmek, hormat goýmak ýörelgelerine esaslanmak bilen, halklarymyzyň bähbitlerini nazarlaýar.

Duşuşygyň dowamynda türkmen-pakistan syýasy-diplomatik gatnaşyklarynyň halkara guramalaryň çäklerinde hem yzygiderli ilerledilýändigi bellenildi.

Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk hem okgunly ösdürilýär. Senagat, energetika we ulag ulgamlary hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda görkezildi. Bu ulgamlarda hyzmatdaşlyk etmek üçin uly mümkinçilikler bar. Şunuň bilen baglylykda, biziň ýurtlarymyzyň iri energetika we kommunikasiýa taslamalaryna işjeň gatnaşýandyklary nygtaldy. Şol taslamalaryň hatarynda, hususan-da, Türkmenistan - Owganystan - Pakistan - Hindistan transmilli gaz geçirijisiniň, Türkmenistan - Owganystan - Pakistan ugry boýunça elektrik geçirijisiniň hem-de optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamlarynyň gurluşygyny görkezmek bolar.

Şunuň bilen birlikde, medeni-ynsanperwer ulgam türkmen-pakistan gatnaşyklarynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu ulgamda hem netijeli gatnaşyklar ýola goýuldy.

Duşuşygyň ahyrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow we Pakistan Yslam Respublikasynyň senagat we önümçilik boýunça federal ministri Rana Tanwir Hussein döwletara hyzmatdaşlygyň dostlukly gatnaşyklara, taraplaryň hoşmeýilli erk-islegine daýanyp, mundan beýläk-de okgunly ösdüriljekdigine hem-de täze manymazmun bilen baýlaşdyryljakdygyna ynam bildirdiler.

# В Туркменистане аккредитован Чрезвычайный и Полномочный Посол Республики Болгария

21 июня 2024 года по поручению Президента Сердара Бердымухамедова Председатель Меджлиса Д.Гулманова приняла верительные грамоты от Чрезвычайного и Полномочного Посла Республики Болгария в Туркменистане Руслана Стоянова.

От имени главы государства руководитель национального Парламента поздравила дипломата с назначением на ответственный пост, пожелав успехов в деле дальнейшего укрепления традиционно дружественных двусторонних отношений.



Поблагодарив за добрые слова, Посол передал Президенту Туркменистана тёплые приветствия от руководства Республики Болгария, адресовав наилучшие пожелания всему туркменскому народу.

В продолжение встречи Руслан Стоянов был ознакомлен с ключевыми векторами внешнеполитической стратегии Туркменистана, базирующейся на принципах миролюбия, позитивного нейтралитета и равноправного партнёрства, а также с приоритетами социально ориентированной внутренней политики нашей страны.

Дипломат был подробно проинформирован о структуре Меджлиса и осуществляемой им деятельности по обеспечению законодательно-правовой основы масштабных преобразований, охвативших все сферы жизни государства и общества. В данном контексте предметом заинтересованного обмена мнениями стали перспективы активизации связей по линии законотворческих органов.

В ходе беседы констатировалось наличие солидного потенциала для успешного туркмено-болгарского взаимодействия в различных направлениях. При этом отмечалось наличие благоприятных возможностей для наращивания продуктивного партнёрства в торгово-экономической сфере, диверсификации деловых контактов.

Темой заинтересованного обсуждения также стали вопросы гуманитарного сотрудничества по линии образования, науки и культуры, продолжения практики проведения совместных мероприятий в данной области.

В завершение встречи дипломат подчеркнул, что, выполняя возложенную на него важную и ответственную миссию, он со своей стороны будет всецело способствовать поступательному развитию плодотворного межгосударственного диалога, обогащению его содержания.

# Meeting of the Foreign Minister of Turkmenistan with the Federal Minister for Industries and Production of Pakistan

On June 25, 2024, the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov met with the Federal Minister for Industries and Production of the Islamic Republic of Pakistan Rana Tanveer Hussain.

During the meeting, an exchange of views took place on current issues of interaction, as well as priorities for the development of Turkmen-Pakistani cooperation were outlined.



The parties exchanged views on a wide range of issues of productive cooperation in various sectors of the economy, primarily in the fuel and energy sector, industry, transport and communications.

A separate topic was the discussion of the implementation of the Turkmenistan-Afghanistan-Pakistan-India (TAPI) transnational gas pipeline project, as well as the laying of power transmission lines and fiber-optic communication lines along the Turkmenistan-Afghanistan-Pakistan (TAP) route.

At the end of the meeting, the parties expressed interest in the further progressive development of bilateral cooperation that meets common goals and interests.

## Состоялось 16-ое заседание Диалога по правам человека «Туркменистан – Европейский Союз»

25 июня 2024 года в здании Министерства иностранных дел Туркменистана состоялось 16-ое заседание Диалога по правам человека «Туркменистан – Европейский Союз».

Заседание открыли Министр иностранных дел Туркменистана Рашид Мередов и Специальный представитель Европейского Союза по правам человека Олоф Скуг.

На встрече были обсуждены перспективы взаимодействия и расширения сотрудничества между Туркменистаном и Евросоюзом в области гуманитарного права и прав человека.

Состоялся обмен мнениями по таким вопросам, как совершенствование гражданского общества, верховенство права и судебная реформа, а также сотрудничество в области образования, здравоохранения, гендерного равенства, защиты прав детей и инвалидов.

В ходе Диалога стороны обсудили реализацию Национального плана действий по правам человека в Туркменистане на 2021-2025 годы, с фокусом на постоянное совершенствование правоохранительной системы и повышение ответственности в области прав человека, а также затронута тема деятельности института Омбудсмена в текущем году.

В процессе переговоров стороны рассмотрели вопросы реализации совместных проектов между Туркменистаном и ЕС на ближайшую перспективу.

## Meeting at the Mejlis with the President of the Upper House of Parliament of the Republic of Zimbabwe

On June 20, 2024, in Ashgabat, a meeting was held between the Chairman of the Mejlis of Turkmenistan D. Gulmanova and the President of the Senate of the Republic of Zimbabwe Mabel Chinomona, who arrived in our country at the head of the delegation.

The head of the Mejlis of Turkmenistan introduced the guest to the main directions of the country's domestic and foreign policy, as well as the composition of the national Parliament and the ongoing work to exchange experience in legislative work.



Special emphasis was placed on the foreign policy of Turkmenistan, based on the principles of positive neutrality, peacefulness and constructive cooperation with all states of the planet, including those located on the African continent.

During the meeting, the parties noted with satisfaction that there are many opportunities for exchanging experience in the field of improving national legislation and parliamentary activities, familiarizing themselves with the possibilities of cooperation between the two countries, and strengthening friendly relations between peoples.

It was emphasized that the establishment of mutually beneficial contacts through the parliamentary line would serve to enrich the content of relations between the two friendly countries.

## В ПРАГЕ СОСТОЯЛИСЬ ПОЛИТИЧЕСКИЕ КОНСУЛЬТАЦИИ МЕЖДУ ВНЕШНЕПОЛИТИЧЕСКИМИ ВЕДОМСТВАМИ ТУРКМЕНИСТАНА И ЧЕШСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

20 июня 2024 года в Праге состоялись политические консультации между внешнеполитическими ведомствами Туркменистана и Чешской Республики. Туркменскую сторону возглавил заместитель министра иностранных дел Туркменистана Ахмет Гурбанов, чешскую – заместитель министра иностранных дел Чешской Республики Иржи Козак.

Стороны обсудили ряд вопросов двустороннего ведения Дней культуры, выставок и иных культурно-массовых мероприятий.

В тот же день состоялась встреча заместителя министра иностранных дел Туркменистана Ахмета Гурбанова с Вице-спикером Палаты депутатов Парламента Чехии Яном Бартошеком.

В рамках встречи были рассмотрены различные аспекты туркмено-чешского двухстороннего сотрудничества. Сто-



сотрудничества, обменялись мнениями по актуальным темам международной повестки. Далее участники встречи провели обзор имеющихся туркмено-чешских договоренностей, рассмотрели вопросы совместной договорно-правовой базы.

В ходе встречи приоритетное внимание было уделено тематике наращивания торгово-экономических связей, в том числе увеличению и диверсификации товарооборота, продолжению кооперации на таких направлениях, как энергетика, транспортная инфраструктура, сельское хозяйство, пищевая и текстильная промышленность.

Для активизации культурных связей было предложено рассмотреть возможности про-

роны подчеркнули, что важную роль в развитии двусторонних отношений занимает межпарламентское сотрудничество.

Кроме того, был подтвержден настрой обеих стран на расширение торгово-экономических связей. В связи с этим было предложено изучить возможности создания рабочей группы по экономическому сотрудничеству и проведения совместного Бизнес форума.

Организация совместных выставок, фестивалей и Дней культуры, также активизация контактов между представителями творческой и научной интеллигенции были названы в числе приоритетных направлений наращивания культурно-гуманитарного партнерства.

Интернет газета
Международные новости

# «TÜRKMENISTAN - BIRLEŞEN ARAP EMIRLIKLERI» IŞEWÜRLIK MASLAHATY

2024-nji ýylyň 25-nji iýunynda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda «Türkmenistan - Birleşen Arap Emirlikleri» işewürlik maslahaty geçirildi. Oňa iki dostlukly ýurduň döwlet we işewür düzümleriniň ýolbaşçylary hem-de öňdebaryjy hünärmenleri gatnaşdylar.

Çärä gatnaşyjylaryň hatarynda energetika, sanly tehnologiýalar, söwda, oba hojalygy, azyk senagaty, gurluşyk we syýahatçylyk ugurlary boýunça ýöriteleşen kompaniýalar, şol sanda «HK Associates», «AMEA Power», «Arabian Falcon Holding», «ADIO» we beýleki kompaniýalar bar.

Häzirki wagtda Ýakyn Gündogarda ykdysady taýdan kuwwatly we okgunly ösýän döwletleriň biri hökmünde ykrar edilen Birleşen Arap Emirlikleri bilen köpugurly gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagynyň Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigini bellemek gerek. Soňky ýyllarda ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşdäki, ilkinji nobatda, iri we abraýly halkara guramalaryň çäklerindäki hyzmatdaşlygyň toplanan baý tejribesi muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Türkmenistanyň we Birleşen Arap Emirlikleriniň arasynda Hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki komitet, şeýle-de Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy bilen BAE-niň Söwda-senagat edaralarynyň federasiýasynyň arasyndaky Işewürlik geňeşi netijeli gatnaşyklary ösdürmäge ýardam berýär.

Çykyş edenler ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak strategiýasyny durmuşa geçirýän Türkmenistanyň iň gowy dünýä tejribesini we öňdebaryjy tehnologiýalary işjeň çekmek arkaly netijeli dialoga açykdygyny bellediler. Ýurdumyzda döredilen amatly maýa goýum şertleri we işewürligi alyp barmagyň amatly guramaçylyk-hukuk mehanizmi geljegi uly türkmen bazarynda işlemek üçin köp sanly daşary ýurtly hyzmatdaşlary, şol sanda BAE-niň işewür toparlaryny çekmäge ýardam edýär. Bellenilişi ýaly, hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary ykdysady hyzmatdaşlygyň hereketlendiriji güýjüne öwrülip biljek we maýa goýumlary çekmek, garyşyk önümçilikleri döretmek, häzirki zaman infrastruktura ulgamyny emele getirmek, bank-maliýe ulgamynda gatnaşyklary ösdürmek üçin täze mümkinçilikleri açjak bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmegi hem öz içine alýar.

BAE-niň öňdebaryjy kompaniýalarynyň ýolbaşçylarynyň forumda eden çykyşlarynda Emirlikleriň iri kompaniýalarynyň türkmen bazaryndaky ornuny pugtalandyrmagy we giňeltmegi maksat edinýändikleri tassyklanyldy.

Açyklyk we ynanyşmak ýagdaýynda geçirilen işewürler maslahatynda ykdysadyýetiň we maýa goýumlaryň dürli ugurlaryndaky, ösen tehnologiýalar pudagyndaky gatnaşyklary täze derejä çykarmagyň ýollary, söwda dolanyşygyny giňeltmegiň mümkinçilikleri seljerildi hem-de bilelikdäki işiň anyk meýilnamalary kesgitlenildi.



Ulag-logistika ulgamy hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde bellenildi. Soňky ýyllarda ýurdumyzda döredilen döwrebap infrastruktura, şol sanda Türkmenbaşy Halkara deňiz porty, täze awtoulag ýollary we howa menzilleri bu ugurda gatnaşyklary ösdürmek üçin giň mümkinçilikleri açýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda ulag ulgamlary boýunça giň gerimli taslamalaryň işlenip düzülýändigi we bu ugurda uly tejribesi bolan daşary ýurtly hyzmatdaşlar, şol sanda BAE-niň belli kompaniýalary bilen gatnaşyklary ýola goýmak üçin uly mümkinçilikleriň bardygy nygtaldy.

Oba hojalygy, aragatnaşyk we kommunikasiýalar, gaýtadan işleýän we himiýa senagaty, öňdebaryjy tehnologiýalar, gurluşyk, saglygy goraýyş, ekologiýa hyzmatdaşlygyň wajyp ugurlarynyň hatarynda görkezildi. BAE-niň işewür toparlarynyň Türkmenistanda milli ykdysadyýetiň innowasion ösüşini üpjün etmäge we tutuş türkmen halkynyň abadançylygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen infrastruktura taslamalaryny durmuşa geçirmäge gatnaşmaklyga uly gyzyklanma bildirýändikleri nygtaldy.

Kuwwatly işewürlik düzümi hökmünde Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi milli ykdysadyýetiň köp sanly möhüm pudaklarynda iş alyp barýar. Häzirki wagtda bu birleşmä BAE-niň işewürler bileleşigi bilen gatnaşyklary işjeňleşdirmegiň, göni gatnaşyklary ýola goýmagyň işewürlik binýatlaryny döretmekde aýratyn umyt baglanýar. Şunuň bilen baglylykda, türkmen telekeçileriniň uzak möhletleýin hyzmatdaşlyga, kärdeşleri bilen dialogy giňeltmäge, olaryň üstünlikli tejribesini ulanmaga, häzirki zaman iş dolandyryş usullaryny we çözgütlerini ornaşdyrmaga taýýardygy bellenildi. Iki ýurduň haryt öndürijileriniň we hyzmatlary ýerine ýetirijileriniň bilelikdäki sergilerini geçirmek, bilelikdäki işewürler maslahatlaryny guramagy yzygiderli esasda ýola goýmak bu işiň möhüm bölegi bolup durýar.

Netijeli häsiýetde geçen forumyň çäklerinde iki ýurduň telekeçileriniň arasynda tejribe alyşmak hem-de ýakyn gatnaşyklary işjeňleşdirmek maksady bilen duşuşyklar guraldy.

Forumyň ahyrynda şu gezekki çäräniň Türkmenistanyň hem-de BAE-niň işewür toparlarynyň arasyndaky söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy has-da ösdürmäge we ony täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmaga ýardam berjekdigine ynam bildirildi.

## НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *Минобразования Туркменистана и ПРООН подписали Меморандум о взаимопонимании*

Министерство образования Туркменистана и Программа развития ООН (ПРООН) подписали 20 июня Меморандум о взаимопонимании для расширения сотрудничества по укреплению системы образования страны и продвижению практик устойчивого развития.

Соглашение подчеркивает приверженность усовершенствованию образовательных программ в Туркменистане, уделяя особое внимание интеграции принципов прав человека и гендерного равенства, поддержке инициатив по борьбе с изменением климата и поощрению здорового образа жизни при содействии образовательных учреждений.

Ключевым направлением Меморандума является интеграция цифровых технологий и инновационных решений в систему образования. Партнерство направлено на создание более эффективной и инклюзивной системы образования, которая сможет лучше отвечать потребностям населения.

### *Встреча Посла Туркменистана в РФ с Директором института Китая и современной Азии РАН*

20 июня 2024 года, Посол Туркменистана в Российской Федерации Эсен Мухаммедович Айдогдыев встретился с Директором института Китая и современной Азии (ИКСА) Российской академии наук (РАН) Кириллом Владимировичем Бабаевым.

В ходе встречи К.Бабаев подробно проинформировал о целях и задачах недавно открывшегося в составе ИКСА РАН научного Центра центральноазиатских исследований, а также выдвинул предложение об установлении тесного сотрудничества этого Центра с профильными научными учреждениями Туркменистана, в частности, с Центром стратегических исследований Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана.

Стороны также обменялись мнениями по вопросу дальнейшего развития сотрудничества, представляющие взаимный интерес для научных учреждений двух государств и констатировали о готовности взаимодействовать в данном направлении.

### *Состоялось открытие Дней культуры Туркменистана в Республике Казахстан*

25 июня 2024 года в Казахстане состоялась торжественная церемония открытия Дней культуры Туркменистана. В рамках торжества в Казахском Национальном музыкально-драматическом театре имени Калибека Куанышбаева был дан концерт мастеров искусств Туркменистана. Одновременно с этим в фойе музыкально-драматического театра состоялось открытие выставки прикладного искусства и музейных ценностей Туркменистана, а также фотовыставки.

Завтра в театре имени К.Куанышбаева продолжится работа выставки прикладного искусства и музейных ценностей Туркменистана, состоится показ туркменской моды. Программа этого дня дополнится показом туркменского художественного фильма «Красное яблоко».

27 июня Дни культуры Туркменистана в Казахстане завершатся гала-концертом лучших творческих коллективов Туркменистана и Республики Казахстан.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***